Türkmenistanyň Medeniýet ministrliginiň Şekillendiriş sungaty sergi merkezinde, halk suratkeşi Möjek Çaryýewiň 80 ýaşynyň dolmagy mynasybetli şahsy eserler sergisi geçirildi. Bu barada **“Türkmenistan: Altyn asyr”** neşiri habar berdi.

Möjek Çaryýew 115 eseri sergiledi we sergä gelenleri dürli stiller we žanrlar bilen haýran galdyrdy. Suratkeş, Türkmenistanda ilkinji çyzgy film bolan **“Böwenjik”** filminiň awtorydygyny ýatladyp, çyzgy filmlerden eskizleri görkezdi.

Ýubileý eýesi, şeýle hem, halk ertekileriniň ajaýyp suratlandyryjysy hökmünde türkmen medeniýetine girdi. Onuň gahrymanlary – şadyýan we ýakymly oglan-gyzlar, şeýle hem, owadan erteki haýwanlarydyr. Onuň döredijiliginde aýratyn orny peýzažlar eýeleýär. Olara seredip, olaryň rahat we sazlaşykly melodiasyny eşidip bolýar.

Все права защищены